# Russiýa… Boş hyýala aldanmañ

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Russiýa… Boş hyýala aldanmañ RUSSIÝA… BOŞ HYÝALA ALDANMAÑ




*Bolup geçen wakalar Russiýanyñ gowşaklygyny däl-de, gaýtam tersine, güýç-kuwwatynyñ we haýbatynyñ neneñsidigini görkezdi*
Russiýada ýurtdaky ýa-da bir adamyñ durmuşyndaky ýagdaý bilen baglanyşykly sorag eger haýsydyr bir hilegärlige ýa-da üstünlikli netijä degişli şübhe döretse, şol soraga umuman şeýle jogap berilýär: Boş hyýala aldanma.
Soñky günlerde (meşhur nemes kompozotory Riçard Wagneriñ adyna meñzedip) degişme gatyşykly «sazandalar» hökmünde «Wagner» toparynyñ bir böleginiñ gatnaşan şowsuz döwlet agdarlyşygyna synanşykdan soñ, Günbatar metbugaty başlyklaýyn halkara habar beriş serişdelerinde bolup geçenler boýunça howuñy basyjy bahamar berildi. Günbatarly žurnalistler, daşary ýurtda ýaşaýan rus syýasatçylary, degişli hünärmenler, oppozisionerler hamana birmeñzeş pikirde ýaly (dürlipikirlilik nirde galdy?) soñky bolup geçen wakalaryñ Russiýanyñ «gowşaklygy» we döwletiñ «ynjyklygy», Russiýanyñ prezidentiniñ agyr urgy alan ýangynly zarbasy hakynda joşgunly çykyş edýärler.
Bu berlen bahalarda olaryñ maksadynyñ bassyr-bussyrsyz bolşy-bolşy ýaly berilýändigine ynanýaryn.
Galyberse-de, bolup geçen wakalar Russiýanyñ gowşaklygyny däl-de, gaýtam tersine, güýç-kuwwatynyñ we haýbatynyñ neneñsidigini görkezdi.

Mümkin boldugyça tarap tutmazlyga we şeýle ýagdaýda Kremliňem meniň hyzmatyma mätäç däldigine garamazdan, «Kremliň ýallakçysy» ýaly hereket etmezlige dyrjaşyp, siziň dykgatyňyza ýetirjek pikirlerim üçin käbir subutnamalary getirmekçi.
Elimizde «gutarnykly netije» hökmünde näme bar?
Muny düşündirmek üçin käbir zatlaryň üstünde durup geçmeli bolýarys:
Birinjisi, wakalar netijesinde Günbatarda ýakyn wagta çenli örän az adamyň ünsüne düşen Russiýa bilen Belorussiýanyň arasyndaky bileleşen döwlet ady berlen zat görlüp-eşdilmedik derejde güýçlendi.
Mundan öň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň kemçilikli meselelerini ýaňsylamak we oppozisionerleriň «ata» diýip atlandyrýan Aleksandr Lukaşenkonyň tersine gitmek däp bolupdy.
Hawa, belarus lideri hemişe kyn şärikdeş bolup geldi we ol ilkinji nobatda öz ýurdunuň bähbitlerini ileri tutýar.
Beýleki bir ýandan Günbataryň özüne garşy eden berk basyşlaryna garamazdan hemişe ynamdarlygy we beren wadalarynda durmagy bilen öňe saýlandy.
Russiýanyň häkimiýetini we garaşsyzlygyny goramak üçin Belorussiýada ýadro ýaragynyň ýerleşdirilmeginden masgaraçylykly döwlet agdarlyşygyna synanşyk gününde Moskwa uzadylan doganlyk goly we Belarus respublikasynyň prezidentiniň arara durup üstünlikli ýerine ýetiren roluna çenli soňky hepdelerde bolup geçenler Moskwa bilen Minskiniň arasyndaky gatnaşyklaryň öňküsindenem berkändigini aňladýar.
Elbetde, bulam öz gezeginde iki ýurduň Günbataryň ýygjam basyşyna garşy pozisiýasyna oňyn täsirini ýetirer.
Ikinjisi, rus döwlet dolandyryş edaralarynyň graždanlyk urşunyň çykmagynyň öňüni alan döwlet ýolbaşçysyna, içen kasamyna we döwlete wepalydyklary ýene bir gezek äşgär boldy.
Gozgalaňçylaryň ýoluny kesmäge synanşanda birnäçe wertolýot we söweşjeň uçarynyň uçarmany gahrymanlarça wepat boldy. Russiýa-Belorussiýa ýaranlygy pikir edilşindenem güýçlüdigi subut boldy.
Şeýle-de Lukaşenko belarus goşunyny we döwletiň beýleki gurluşlaryny örän çakgan ýagdaýda doly söweşjeň ýagdaýa

getirmegi we täsirliligini görkezmegi başardy.
Ol eden çykyşyndan özündenem, Putindenem, Prigožindenem gahryman ýasap oturmagyň hajatynyň ýokdugyny nygtady. Çünki ol «bar bolan ýagdaýy gözden saldyk, soňam öz-özünden düzeler öýtdük, ýöne beýle bolmady, munuň netijesinde täze global konflikt howpy şular ýaly alkyma gelip diremändi» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.
Putinem ýaragly gozgalaňlaryň elmydama diýen ýaly ýurtda içerki urşy we haosy döredýändigine ünsi çekdi. Emma her niçik bolanda-da agdarlyşyga synanşanlara diňe ýeňliş garaşýardy.
Prigožin 24-nji iýun wakalaryny düşündirende, gozgalaňyň sebäplerinden biriniň ýörite harby kompaniýalar bilen birlikde meýletinçi ýaragly toparlary 2023-nji ýylyň 1-nji iýulyndan öň Goranmak ministrligi bilen şertnama baglaşmaga mejbur eden ministrligiň buýrugy bolandygyny aýtdy.




Soñky wakalar netijesinde rus ygtyýarlylarynyñ gazanan uly üstünligi bu wakalaryñ başlan wagtyndan bäri paýtagta tarap ýaragly ýörişe gaýtmakdan ýüz öwren we ygtyýarlylar tarapyndan hödürlenen teklipleri kabul eden «Wagner» toparynyñ bir bölegi bilen bilelikde meýletinçileriñ döwlet gözegçiligi astyna girmegini gazanmagynda ýatyr.

Ýogsam bolmasa ýap-ýañy Belorussiýa giden Prigožin urşujylarynyñ bary-ýogy 2%-niñ Goranmak ministrligine tabyn bolmaga razy bolandygyny öñe sürýärdi.

Üçünjisi, günbatarly arkadaglary bilen birlikde russiýaly we belarusly oppozisionerler bilen Kiýew režimi halk köpçüliginiñ

gözünden düşdi, çünki öñ olaryñ itden beter ýigrenýän, döwlet agdarlyşygyna synanyşylan wagtynda-da «duşmanymyñ duşmany dostumdyr» prinsipine eýerip, Putiniñ garşydaşyna öwrülen Prigožiniñ hereketlerine begenýändiklerini ilkibaşdan gizläp durmadylar. Emma ertesi gün şowsuz tamamlanan döwlet agdarlyşygynyñ liderleri ygtyýarlylar bilen ylalaşyga geldem welin, Belarusa giden Prigožin Moskwanyñ garşydaşlarynyñ berk tankydyna uçrady. Hatda ABŞ-nyñ Daşary işler ministrligi onuñ gaýdyp berilmegini talap etjekdiklerini mälim etdi.
Dördünjisi, şu we Russiýada režim çalşygy umytlary puja çykan daşary ýurtly gatlaklaryñ täze rus garşydaşlygy isteriýasy tolkunynyñ añyrsynda Putiniñ görkezen sowukganlylygy, özüne bolan ynamy we erkekligi bilen birlikde şowsuz gozgalaña gatnaşanlary hyýanat etmekde aýyplansa-da, liderleri tarapyndan ýoluny üýtgedenlere görkezen hoşniýetliligi belli bir derejede «sazandalara» simpatiýa bildirenler taralyndan hormata mynasyp boldy.
Russiýanyñ prezidentiniñ «Wagner» güýçleriniñ rus goşuny bilen egin-egne berip gahrymanlarça alyp baran göreşine gowy baha berendigini nygtaman bilmeris. Beýleki bir ýandan, bilnişi ýaly gozgalañyñ özüne dahylly bahasy-da diýseñ gazaplydy.
Russiýanyñ prezidentiniñ at-abraýynyñ çalt artmagyna goşant goşan başga faktorlary-da sanap bilerdik. Ikkibaşdan ww hemme zatdan öñ aýgytlaýjy ýagdaýyñ «çözülmeginde» görkezilen adatdan daşary tizligi agzap bileris.
Şol bir wagtyñ özünde Putin «sazandalar» tarapyndan urlup düşürilen birnäçe wertolýotdyr söweşjeñ uçarynyñ pilotlary bilen bir hatarda rus goşunynyñ çeken ýitgilerini aç-açan görkezdi we rus goşunynyñ serkerdeperi bilen geçirilen ýygnakda wepat bolanlaryñ hormatyna bir minutlyk dymyşlyk yglan etdi.
Ýakyn Gündogar ýurtlary bilen birlikde Russiýa dost ýurtlaryñ liderleri dürli dolandyryş kanallary bilen kömekçi güýçleriñ Putine beren goldawyny ýakyndan synladylar.
Russiýadaky wakalaryñ ösüşi çäkleriniñ daşynda Russiýa dost günorta ýurtlarda bolşy ýaly şowsuz gozgalañyñ netijelerinden duýýan lapykeçligini gizläp durmaýan oña duşman Günbatar ýurtlarynda ýakyndan gyzyklanma bildirildi.



Witaliý NAUMKIN,
taryh ylymlarynyñ doktory, professor,
Russiýanyñ Ylymlar akademiýasynyñ Gündogary öwreniş instututynyñ direktory.
Duşenbe, 03.07.2023 ý. Publisistika